# TÜRKMENISTAN: ÝAŞLAR ÜÇIN ZÄHMET BAZARYNDA IŞJEŇ ÇÄRELER

Iş kagyzy

Awtory: Gülşirin Annadurdyýewa, 2025

# MAZMUNY

| | | |
|---|---|---|
| 1 | GIRIŞ | 3 |
| 2 | ÝAŞLARYŇ ZÄHMET BAZARYNA SYN | 5 |
| 3 | INSTITUSIONAL GURLUŞ WE DOLANDYRYŞ | 10 |
| 4 | ÝAŞLAR ÜÇIN ZÄHMET BAZARYNDA IŞJEŇ ÇÄRELER | 12 |
| 5 | ZÄHMET BAZARYNDA IŞJEŇ ÇÄRELERIŇ NETIJELILIGI WE TÄSIRI | 14 |
| 6 | MESELELER WE KEMÇILIKLER | 16 |
| 7 | NETIJE | 17 |
| 8 | EDEBIÝATLARYŇ SANAWY | 19 |

# 1 GIRIŞ

Netijeli iş bilen üpjünçilige ýardam etmek – Türkmenistanyň durmuş syýasatynyň düzüm bölekleriniň biri. Häzirki wagtda “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy”, “Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy”, “Türkmenistanda ýaşlary zähmet bazaryna uýgunlaşdyrmagyň we olaryň iş bilen üpjünçiligini kämilleşdirmegiň maksatnamasy”, şeýle hem pudaklary we sebitleri ösdürmegiň maksatnamalary durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalaryň hemmesi durnukly ykdysady ösüşi goldamaga, döwletiň içerki mümkinçiliklerini, şol sanda zähmet serişdelerini iň ýokary derejede ulanmak bilen, ykdysadyýetiň pudaklaryny we sebitleri ösdürmäge gönükdirilendir.

Maksatnamalaryň çäklerinde täze senagat pudaklaryny ösdürmek we oba hojalygynda özgertmeler boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar, milli ykdysadyýetiň hususy pudagynyň ýagdaýyny berkitmek üçin oňaýly şertler döredilýär. Täze önümçilikleriň tehnologik we innowasion häsiýeti, sanly ykdysadyýete geçmek we bazar gatnaşyklaryny ösdürmek, elbetde, iş bilen üpjün etmäge, aýratyn hem, zähmet serişdeleriniň bilim we hünär taýýarlyk derejesi nukdaýnazaryndan täsir edýärler.

Iş bilen üpjünçilik syýasaty ähli raýatlara zähmete we hünäri erkin saýlap almaga bolan hukuklaryny durmuşa geçirmäge, zähmet bazarynyň hereket etmeginiň we ony düzgünleşdirmegiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk şertlerini döretmäge gönükdirilendir. Şoňa görä-de, iş bilen üpjünçilik babatda döwlet syýasaty kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, kärdeşler arkalaşyklarynyň gatnaşmagynda, iş berijileriň bilelikdäki tagallalary bilen emele getirilýär we durmuşa geçirilýär.

Iş bilen üpjünçiligi dolandyrmak – durmuş-ykdysady prosesleri dolandyrmagyň umumy ulgamynyň bir bölegi we döwletiň zähmet mümkinçiliklerini netijeli ulanmaga mümkinçilik berýän bazar ulgamynyň iň möhüm düzüm bölegi.

TürkmenStat tarapyndan çap edilen maglumatlara laýyklykda, 2022-nji ýylda geçirilen Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň jemleri boýunça Türkmenistanyň ilatynyň sany 7 057 841 adama barabardyr (1-nji tablisa seret).

***1-nji tablisa. Ilat ýazuwynyň jemleri boýunça Türkmenistanyň ilaty***

| ***Görkeziji*** | **1989** | **2022** |
|---|---|---|
| **Ilat, adam** | **3 522 717** | **7 057 841** |
| *şol sanda:*<br>Erkekler | 1 735 179 (49,26%) | 3 526 421 (49,96%) |
| Aýal-gyzlar | 1 787 538 (50,74%) | 3 531 420 (50,04%) |
| Zähmete ukyply ýaşdan kiçi (0-15 ýaş) | 1 504 708 (42,7%) | 2 463 258 (34,9%) |
| Zähmete ukyply ýaşda (16-62 ýaş) | 1 751 314 (49,7%) | 4 020 649 (57,0%) |
| Zähmete ukyply ýaşdan uly (63 + ýaş) | 266 695 (7,6%) | 573 934 (8,1%) |
| Şäher ilaty, % | 45,17 | 47,1 |
| Oba ilaty, % | 54,83 | 52,9 |

*Çeşmesi: TürkmenStatyň saýty. Ilat ýazuwy bölümi.* https://www.stat.gov.tm

2022-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň netijesinde alnan maglumatlar Türkmenistanda ýaş ýaşdaky ilatyň paýynyň, hakykatdan-da, uludygyny görkezýärler. Zähmete ukyply ýaşdan kiçi (0–15 ýaş) ilatyň paýy umumy sanyň 34,9%-ine barabardyr. Bu uly işgärler mümkinçiliginiň bardygyna şaýatlyk edýär we ýaşlaryň iş bilen etmäge we ýaşlaryň başarnyklaryny ösdürmäge gönükdirilen syýasatyň wajyplygyny nygtaýar.

Iş bilen üpjünçilik ulgamynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmäge hukuk namalarynyň we kadalaşdyryjy resminamalaryň tutuş toplumy gönükdirilendir, telekeçiligi ösdürmek we raýatlaryň özleriniň iş bilen üpjün bolmagy üçin mümkinçilikleri giňeltmek boýunça çäreler görlendir, olaryň

hünärmenleri taýýarlamaga bolan zerurlygyna üns bermek bilen, iş berijiler bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyk üýtgedilip guralandyr.

Iş bilen üpjünçiligi dolandyrmak ýurduň her bir sebitiniň aýratynlyklaryny hasaba almak, şeýle hem ýaşlara, ilatyň gowşak goralan gatlaklaryna, gender deňligini üpjün etmäge üns bermek bilen durmuşa geçirilýär. Iş bilen üpjünçilik ulgamynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň möhüm görkezijisi täze iş orunlaryny her ýyl döretmek bolup durýar.

Bütindünýä banky ýaly halkara maliýe guramalarynyň maglumatlary boýunça, Türkmenistan soňky ýyllarda durnukly we oňyn ösüşi görkezdi. Resmi maglumatlara laýyklykda, jemi içerki önümiň (JIÖ) ösüşi 2015-nji ýylda: 6,5%-e, 2017-nji ýylda: 6,5%-e, 2019-njy ýylda: 6,3%-e, 2021-nji ýylda: 6,2%-e, 2023-nji ýylda: 6,3%-e barabar boldy.[1] Ýöne 2024-nji ýylda JIÖ-niň ösüşi 2,3%-e çenli peseldi, 2025-nji ýyl üçin çaklamalar bolsa, şol derejede saklanyp galýar.[2]

1-nji suratda umumy möçberde olaryň paýyny görkezmek bilen, ykdysadyýetiň pudaklary boýunça Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň (JIÖ) düzümi şekillendirilendir.

***1-nji surat. Türkmenistanyň JIÖ-niň pudaklaýyn düzümi, %-de***




*Çeşmesi: TürkmenStatyň saýty. Ilat ýazuwy bölümi. https://www.stat.gov.tm*

1-nji tablisada görkezilen maglumatlardan görnüşi ýaly, agrar pudagyň JIÖ-däki paýynyň ösendigine garamazdan, ykdysadyýetiň maddy pudaklarynyň (senagat, oba hojalygy we gurluşyk) 2012-nji ýylda 75%-den 2020-nji ýylda 49%-e çenli peselipdir. Şol döwürde maddy däl pudaklaryň (ulag we aragatnaşyk, söwda we hyzmatlaryň beýleki görnüşleri), degişlilikde, 25%-den 51%-e çenli artandygy bellidir. Bu maglumatlar ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatynyň üstünlikli geçirilýändigini tassyklaýarlar. Soňky ýyllarda nebithimiýa, dokma senagaty, elektron senagat, hyzmatlar ulgamy we ş.m. ýaly pudaklar ýokary depginler bilen ösýärler.

[1] https://data.worldbank.org/indicator/NY.GDP.MKTP.KD.ZG?locations=TM
[2] https://www.imf.org/en/Countries/TKM#countrydata

# 2 ÝAŞLARYŇ ZÄHMET BAZARYNA SYN

Zähmet bazaryndaky ýagdaýy häsiýetlendirýän örän möhüm görkezijiler ilatyň işçi güýje gatnaşyş derejesi, iş bilen üpjünçiligiň derejesi, işsizligiň derejesi, zähmet hakynyň derejesi, resmi däl iş bilen üpjünçiligiň derejesi bolup durýar. Bu görkezijileriň hemmesi, şol sanda ýaşlaryň iş bilen üpjünçiliginiň ösüş ugurlaryny we mümkinçiliklerini görkezýärler. Bu görkezijilerden başga-da, ýaşlaryň iş bilen üpjünçiligi barada ýaşlaryň iş bilen üpjünçiliginiň derejesi, ýaşlaryň işsizlik derejesi we okamaýan, işlemeýän we hünär bilimini geçmeýän (NEET) ýaşlaryň sany ýaly görkezijiler boýunça netije çykarmak bolar.

Döwlet zähmet babatda aýal-gyzlaryň we erkekleriň hukuklarynyň deňliginiň üpjün edilmegini kepillendirýär we gender düzüm bölegi ýaşlaryň iş bilen üpjün etmegiň we ösdürmegiň ähmiýetli görkezijisi bolup durýar.

***2-nji tablisa. Türkmenistanda ilatyň jyns boýunça bölünişiginde 2005-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli işçi güýje gatnaşmagynyň derejesi, %.***

| | 2005 | 2010 | 2015 | 2023 |
|---|---|---|---|---|
| Ilatyň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi | 75,6 | 75,5 | 75,1 | 75,9 |
| Erkekleriň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi | 82,4 | 80,3 | 82,4 | 76,1 |
| Aýal-gyzlaryň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi | 68,6 | 70,5 | 67,4 | 75,6 |
| 18 – 35 ýaşly ýaşlaryň işçi güýje gatnaşmagynyň derejesi | … | … | 63,0 | 68,2 |
| 18 – 35 ýaşly erkekleriň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi | … | … | 70,4 | 72,1 |
| 18 – 35 ýaşly aýal-gyzlaryň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi | | | 55,4 | 64,5 |

*Çeşmesi: TürkmenStatyň maglumatlary.* *https://www.stat.gov.tm*

2-nji tablisada beýan edilen maglumatlardan görnüşi ýaly, işçi güýjüne gatnaşmagynyň umumy derejesi, 2005-nji ýylda 75,6%-den 2023-nji ýylda 75,9%-e çenli, uly bolmadyk ösüş bilen, seredilýän döwürde ýeterlik derejede durnukly bolmagynda galýar.

Şonuň bilen birlikde, erkekleriň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi üýtgäpdir we 2005-nji ýylda 82,4%-den 2023-nji ýylda 76,1%-e çenli peselipdir. Bu, aýratyn hem, soňky ýyllarda peselmä tarap umumy ösüş meýlini görkezýär. Işçi güýjüne erkekleriň gatnaşmagynyň derejesiniň, aýratyn hem, 2015-nji ýyldan soňra peselmegi erkek işçi güýjüniň garramagy, pensýa möhletinden öň çykylmagy ýa-da erkekleri işçi güýjünden çykmaga mejbur edýän, saglyk meseleleri bilen bagly bolup biler. Önümçilik we gurluşyk ýaly pudaklarda awtomatlaşdyryş we özgermeler hem erkeklere barabar däl täsir edip biler.

Aýal-gyzlaryň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi 2005-nji ýylda 68,6%-den 2010-njy ýylda 70,5%-e çenli üýtgäpdir, soňra 2015-nji ýylda 67,4%-e çenli peselipdir. Ýöne 2023-nji ýylda 75,6%-e çenli ep-esli ösüşe syn edilýär, bu bolsa, 2023-nji ýylda aýal-gyzlaryň gatnaşmagyny erkekleriň gatnaşmagyna, umuman, deň edýär.

Ýaşlaryň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesi 2015-nji ýylda 63,0%-den 2023-nji ýylda 68,2%-e çenli ösüpdir. Bu ýaşlaryň zähmet bazaryna çekilişiniň oňyn ösüş meýlini görkezýär. Şu döwürde 18 – 35 ýaşdaky erkekleriň gatnaşmagynyň derejesi 2015-nji ýylda 70,4%-den 2023-nji ýylda 72,1%-e çenli artypdyr, aýal-gyzlardan bolsa, şol bir ýaş toparynda 2015-nji ýylda 55,4%-den 2023-nji 64,5%-e çenli uly ösüşe syn edilýär.

2015-nji ýyldan 2023-nji ýylda çenli ýaşlaryň işçi güýjünde ýaňy-ýakyndaky ösüşi, işe ýerleşmegiň ýagdaýlarynyň gowulanandygyny, ykdysadyýetiň dikelendigini we ýaşlar üçin iş orunlarynyň sanynyň artandygyny görkezip biler. Ol tehnologiýalar, hyzmatlar ulgamy we uzak aralykdan işlemek ýaly täze pudaklaryň peýda bolmagy bilen bagly bolup biler, bu bolsa, has köp ýaş işgärleri, şol sanda ýaş aýal-gyzlary özüne çekdi.

2015-nji ýyl bilen 2023-nji ýylyň aralygynda ýaş aýal-gyzlaryň işçi güýjüne gatnaşmagynyň düýpli artmagy ähli aýal-gyzlaryň işläp başlaýan we işçi güýjünde galýan gender orny babatda jemgyýetçilik garaşmalarynyň özgermeginiň netijesi hem bolup biler. Göwrelilik boýunça rugsat, çagalara seretmek boýunça hyzmatlar we işiň çeýe düzgüni ýaly döwlet goldawy bu ösüşe täsir edip biler. Aýal-gyzlaryň barha köp artýan orta we ýokary hünär bilimini alýar, bu bolsa, olaryň işçi güýjüne gatnaşmagyny artdyrýar, sebäbi olar hünär we ýokary hünär taýýarlykly wezipelerde işe ýerleşmäge çalyşýarlar.

Ilatyň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesiniň umumy durnuklylygy zähmet bazarynyň durnuklylygyna şaýatlyk edýär, aýal-gyzlaryň we ýaşlaryň gatnaşmagynyň artmagy bolsa, uzak möhletli ykdysady ösüş üçin mümkinçilikleri döredýär. Zähmet we iş bilen üpjünçilik ulgamynda ýaşlar syýasatyny işläp taýýarlaýjylar bu ösüş meýliniň dowam etmegini üpjün etmelidirler. Bilime, hünär okuwyna, işe ugrukdyryş maksatnamalaryna we ýaşlar üçin telekeçilige maýa goýumlar ýaşlaryň zähmet bazaryna goldawy we mundan beýläk artmagy üçin esasy ähmiýet eýe bolarlar. Sanly sowatlylygyň öňe sürülmegi we tehnologiýalar hem-de “ýaşyl” ykdysadyýet ýaly täze pudaklara elýeterlilik ýaşlaryň iş bilen üpjünçiliginiň görkezijilerini goşmaça gowulandyryp bilerler.

Şeýlelikde, 2-nji tablisadaky maglumatlar 2005-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli ilatyň işçi güýjüne gatnaşmagynyň derejesiniň umumy durnukly ösüşini görkezýärler. Erkekleriň gatnaşmagynyň derejesiniň peselmegi bilen, aýal-gyzlaryň we ýaşlaryň gatnaşmagynyň derejesiniň ep-esli ösmegi, has giň ykdysady, durmuş we demografik özgermeleri görkezýär.

**Ýaşlaryň işsizligi**

3-nji tablisada Türkmenistanda jynsy boýunça bölünişiginde 2018-nji ýyldan 2022-nji ýyla çenli işsizligiň derejesi boýunça maglumatlar bardyr.

***3-nji tablisa. Gender alamaty boýunça işsizligiň derejesi (degişli ýaş toparynyň işçi güýjüniň sanyna % gatnaşygynda)***

| | 2018 | 2019 | 2020 | 2021 | 2022 |
|---|---|---|---|---|---|
| ***Iş gözleýän ilatyň paýy (18-61 ýaş) (HZG-niň usulyýeti boýunça)*** | **4,8** | **4,8** | **4,8** | **4,8** | **4,7** |
| Erkekler (18-61 ýaş) | 5,1 | 5,2 | 5,5 | 5,1 | 4,8 |
| Aýal-gyzlar (18-56 ýaş) | 4,4 | 4,4 | 4,1 | 4,4 | 4,7 |
| **Iş gözleýän ýaşlaryň paýy (18-35 ýaş)** | **6,5** | **6,5** | **6,4** | **6,3** | **6,2** |
| Erkekler | 5,5 | 5,2 | 5,4 | 5,3 | 5,2 |
| aýal-gyzlar | 8,1 | 8,3 | 8,0 | 7,6 | 7,5 |

*Çeşmesi: TürkmenStatyň maglumatlary, https://www.stat.gov.tm*

Iş gözleýän ilatyň paýy (HZG-niň usulyýeti boýunça) 2018-nji ýyldan 2021-nji ýyla çenli 4,8% derejesinde, 2022-nji ýylda 4,7%-e çenli uly bolmadyk peselme bilen, durnukly bolmagynda galypdyr. Bäşýyllyk döwürde işsizligiň derejesiniň umumy durnuklylygy iş orunlarynyň köpçülikleýin ýitirilmegine getirip biljek düýpli ykdysady üýtgeşmeler bolmazdan, durnukly ykdysadyýeti görkezýär.

Tutuş döwrüň dowamynda erkekleriň arasynda işsizligiň derejesi aýal-gyzlaryňkydan ýokary boldy. Mysal üçin, 2020-nji ýylda erkekleriň 5,5%-i iş gözläpdir, deňeşdirmek üçin, aýal-gyzlaryň 4,1%-i iş gözläpdir. Ýöne 2022-nji ýylda aratapawut azalypdyr: 4,8% erkekler, 4,7% aýal-gyzlar. Bu erkekler bilen aýal-gyzlaryň arasynda işsizligiň derejesiniň uly bolmadyk aratapawuda çenli golaýlandygyna şaýatlyk edýär.

Erkekleriň arasynda işsizligiň has ýokary derejesi olaryň ykdysady üýtgemelere has sezewar bolýan, gurluşyk, ulag, energetika ýaly pudaklarynda jemlenendigi bilen baglanyşykly bolup biler. Bu pudaklar işini haýalladanda ýa-da işden boşatmalar bolup geçende erkekler has ýygy-ýygydan işini ýitirip bilýärler. Köplenç, saglygy goraýyşda, bilimde we hyzmatlar ulgamynda işleýän aýal-gyzlar iş bilen üpjünçiligiň has uly durnuklylygyna eýe bolup bilerler, ýöne bu ösüş meýli 2022-nji ýylda üýtgedi, şonda aýal-gyzlaryň arasynda işsizligiň derejesi 4,7%-e çenli ýokarlandy.

18–35 ýaşdaky ýaşlaryň arasynda işsizligiň derejesi 2018-nji ýylda 6,8%-den 2022-nji ýylda 6,2%-e çenli ýuwaş-ýuwaşdan peseldi. Bu peselýän ösüş meýli, belki, ykdysady ösüşiň, ýaşlaryň iş bilen

üpjünçiliginiň maksatlaýyn maksatnamalarynyň ýa-da işçi güýjüne bolan islegiň üýtgemeginiň netijesinde, şu döwürde ýaş işgärler üçin işe ýerleşmegiň mümkinçilikleriniň gowulanmagynyň hasabyna bolup geçendigini görkezip biler.

Ýaşlaryň arasynda umumy işsizligiň derejesiniň peselýändigine garamazdan, umumy ilat bilen deňeşdirilende has ýokary dereje ýaş işgärleriň zähmet bazaryna çykylanda meseleleriň uly sany bilen ýüzbe-ýüz bolýandygyna şaýatlyk edýär. Bu meseleler tejribe ýetmezçiligini, başarnyklaryň laýyk gelmezligini ýa-da başlangyç orunlarda çäkli mümkinçilikleri öz içine alyp biler.

Şonuň bilen birlikde, biz ýaşlaryň arasynda göz-görtele gender deňsizliginiň bardygyny görýäris: ýaş aýal-gyzlar, erkekler bilen deňeşdirilende, işsizligiň hemişe has ýokary derejesine eýe bolup durýarlar. 2022-nji ýylda ýaş aýal-gyzlaryň 7,5%-i iş gözlediler, deňeşdirmek üçin, ýaş erkek adamlaryň 5,2%-i iş gözläpdir. Aýal-gyzlaryň arasynda işsizligiň derejesiniň uly bolmadyk peselmesine garamazdan, gender bölünmesi uly bolmagynda galýar. Belki, muňa däp bolan gender orunlary, kemsitme we işe kabul edilende, ýaş aýal-gyzlar babatda bolup biljek ynamsyzlyk bilen garaýyşlar sebäp bolup biler.

Ýaşlaryň, aýratyn hem, aýal-gyzlaryň arasynda işsizligiň degişli derejede ýokary derejesi ýaşlar üçin iş bilen üpjünçiligiň maksatlaýyn maksatnamalarynyň zerurdygyny tassyklaýar. Hünär taýdan öwrenmäge, işe ugrukdyrmalary geçmäge we işe ýerleşmek maksatnamalaryna elýeterliligi giňeltmek bilim we iş bilen üpjünçiligiň arasyndaky bölünmäni ýeňip geçmäge kömek edip biler. Olary işe ýerleşmegiň mümkinçiliklerine deň elýeterliligi we işe kabul edilende gender päsgelçiliklerini peseltmegi üpjün etmek bilen, ýaş aýal-gyzlara aýratyn üns bermek zerurdyr.

Tejribäniň görkezişi ýaly, ýaşlaryň işsizliginiň şertleriniň biri ýaşlar tarapyndan ele alynýan başarnyklaryň iş berijileriň isleglerine laýyk gelmeýändigi bolup durýar. Bilim derejesi boýunça ýaşlaryň arasynda işsizligiň düzümi şu aşakdaky 4-nji tablisada beýan edilendir.

***4-nji tablisa. 2023-nji ýylda bilim derejesi we gender alamaty boýunça işsiz ýaşlaryň düzümi (işçi güýjüniň barlagynyň maglumatlary boýunça)***

| | **Jemi** | **Erkekler** | **Aýal-gyzlar** |
|---|---|---|---|
| **Jemi** | **100,0** | **100,0** | **100,0** |
| *Şol sanda bilim derejesi boýunça:*<br><br>Ýokary hünär we doly däl hünär bilimi (tamamlanmadyk ýokary hünär bilimi) | 4,8 | 6,9 | 2,7 |
| Orta hünär (ýöriteleşdirilen orta) | 6,7 | 5,6 | 7,8 |
| Hünär-tehniki (başlangyç hünär) | 1,8 | 0,2 | 3,4 |
| Umumy orta | 86,7 | 87,3 | 86,1 |

*Çeşmesi: TürkmenStatyň maglumatlary. https://www.stat.gov.tm*

4-nji tablisadaky maglumatlardan görnüşi ýaly, işsiz ýaşlaryň aglaba köplüginiň (86,7%) diňe umumy orta bilimi bardyr. Paýlanyşyk erkekleriň (87,3 %) we aýal-gyzlaryň (86,1 %) arasynda takmynaň meňzeşdir, bu bolsa ýöriteleşdirilen ýa-da ýokary biliminiň ýoklugynyň ýaşlaryň arasynda işsizligiň artmagyna getirýär möhüm şert bolup durýandygyny görkezýär.

Işsiz ýaşlaryň arasynda umumy orta bilimiň agdyklyk etmegi, zähmet bazarynda binýatlyk bilimi bolan adamlar üçin teklipleriň ýeterlik däldigini aňladýar. Köp sanly iş ýerleriniň ýöriteleşdirilen başarnyklary ýa-da ýokary bilimi talap edişine görä, umumy bilimi bolan ýaşlar iş gözlänlerinde oňaýsyz ýagdaýda galyp bilerler. Başlangyç derejedäki iş orunlarynyň ýaşlaryň bu topary üçin döredilmegi, işe ugrukdyryş maksatnamalarynyň giňeldilmegi, halypaçylyk we ýörite bilimi bolmadyk ýaşlar üçin işe ýerleşdirmek bu meseläniň çözülmegine ýardam edip biler. Umumy orta bilimi bolan ýaşlar üçin bilimi dowam etdirmek ýa-da hünär taýýarlyk derejesini ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleriň berilmegi olaryň işe ýerleşmek babatda mümkinçiliklerini gowulandyryp biler.

Işsiz ýaşlaryň ep-esli bölegi (6,7%) orta hünär bilimlidir. Bu derejede aýal-gyzlar (7,8%) erkekler (5,6%) bilen deňeşdirilende biraz köpdür. Tehnologiýalar, saglygy goraýyş we ýaşyl energetika ýaly ýokary

islegli pudaklarda okuw maksatnamalarynyň giňeldilmegi hünär taýýarlyk derejesi bolan ýaşlara işe ýerleşmek üçin iň gowy mümkinçilikleri tapmaga kömek edip biler.

Işsiz ýaşlaryň 4,8%-i ýokary hünär ýa-da doly däl (tamamlanmadyk) hünär bilimine eýedir. Şonuň bilen birlikde, duýulýan gender bölünmesine syn edilýär: işsiz erkekleriň 6,9%-niň ýokary hünär bilimi bardyr, şol bir wagtda-da, aýal-gyzlaryň arasynda bu görkeziji, diňe 2,7%-e barabardyr.

Ýokary hünär bilimli ýaşlar seýrek ýagdaýda işsiz galýan hem bolsa, üznüksiz okamak we hünär taýýarlyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça başlangyçlar ýokary bilimli ýaşlara zähmet bazarynyň üýtgeýän şertlerine uýgunlaşmaga we täze ýa-da ösüp gelýän pudaklarda iş tapmaga kömek edip biler.

Ahyrky netijede, hünär-tehniki bilimli ýaşlaryň arasynda ýaş işsiz aýal-gyzlar (3,4%), erkekler (0,2%) bilen deňeşdirilende, ep-esli köpdür. Bu hünär-tehniki bilimli aýal-gyzlaryň, belki, şeýle hünär taýýarlygyna pes islegiň bardygy ýa-da aýal-gyzlaryň iş orunlarynyň ösüşi çäkli bolan pudaklarda jemlenendigi sebäpli, iş tapmakda kynçylyklary çekýändiklerini görkezýär.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň hasabatyndan alnan maglumatlaryň esasynda ýurdumyzda işsizligiň derejesi, jynsy, ýaşy we bilim derejesi boýunça paýlanyşy baradaky maglumatlar şu aşakda getirilendir. [3]

***5-nji tablisa. Jynsy we ýaşy boýunça bölmek bilen, 2022-nji ýylda Türkmenistanda işsizlik (%)***

| Topar | Işsizligiň derejesi (%) |
|---|---|
| **Jemi (ýurt boýunça ortaça görkeziji)** | **5,4** |
| Erkekler | 5,4 |
| Aýal-gyzlar | 5,5 |
| **Ýaş toparlary boýunça** | |
| 18–19 | 9,6 |
| 20–24 | 9,0 |
| 25–29 | 6,5 |

*Çeşmesi: Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (2022),* https://www.stat.gov.tm/ru/population-census

5-nji tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly, işsizligiň iň ýokary derejesini ýaşlaryň, aýratyn hem, 18–19 ýaşdakylaryň arasynda görmek bolýar. Işsizligiň derejesi ýaş boýunça ýuwaş-ýuwaşdan peselýär we alnan bilime baglylykda, ep-esli tapawutlanýar.

Ýokary hünär we hünär-tehniki bilimli ýaşlaryň arasynda işsizligiň derejelerinde gender tapawutlary, erkekleriň we aýal-gyzlaryň zähmet bazaryna çykylanda dürli-dürli kynçylyklara sezewar bolýandyklaryny görkezýär. Işe kabul edilende gender deňliginiň öňe sürülmegi, iş, wezipe boýunça maslahatlary teklip etmek we däp bolan “erkekleriň” kärlerinde aýal-gyzlar üçin mümkinçilikleriň giňeldilmegi ýaş aýal-gyzlaryň arasynda işsizligiň derejesini azaltmaga kömek edip biler.

Ýaşlaryň işsizlik derejesiniň peseldilmegi bilimiň zähmet bazarynyň zerurlyklaryna laýyk gelmegini gowulandyrmak, hünär bilimini we iş bilen üpjünçilikde gender kemsitmelerini ýeňip geçmek boýunça başlangyçlary goldamak üçin, bir maksada gönükdirilen syýasaty alyp barmagy talap edýär. Şeýle çemeleşme bilimiň ähli derejeleri üçin işe ýerleşmegiň deň mümkinçiliklerini üpjün etmäge kömek eder. Işsizleriň arasynda ýokary bilimlileriň bolmagy, olaryň sanynyň ýokary hünär taýýarlygyny talap edýän käbir pudaklarda çendenaşa köplügine ýa-da olaryň hünär taýýarlyk derejesine laýyk gelýän iş ýerleriniň ýoklugyna şaýatlyk edýär.

### Zähmet bazaryndan daşardaky ýaşlar we resmi däl iş bilen meşgullanylmagy

Türkmenistanda zähmet ukyply ýaşdaky ykdysady taýdan işjeň däl ilaty zähmete ukyply ýaşdaky adamlar – talyplar, mekdep okuwçylary, okuwyň gündizki görnüşindäki edaralaryň aspirantlary; işlemeýän garrylyk boýunça pensionerler, ýeňillikli pensionerler we zähmete ukyply ýaşdaky işlemeýän

[3] Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (2022). Türkmenistanyň Ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň jemleri

maýyplar, şeýle hem öý hojalykçylar düzýärler. Ykdysady taýdan işjeň däl ilatyň umumy sanynda zenanlar agdyklyk edýärler.

***6-njy tablisa. Jynsy boýunça ykdysady taýdan işjeň däl ilatyň düzümi, % (işçi güýjüniň 2021-nji ýyldaky barlagynyň maglumatlary boýunça)***

| | Jemi | Erkekler | Aýal-gyzlar |
|---|---|---|---|
| **Jemi** | **100.0** | **100.0** | **100.0** |
| *Şol sanda:*<br>Talyplar, mekdep okuwçylary, aspirantlar, doktorantlar, okuwyň gündizki görnüşinde okaýanlar | 21.6 | 38.4 | 14.4 |
| Işlemeýän garrylyk boýunça pensionerler, zähmete ukyply ýaşdaky ýeňillikli pensionerler | 0.6 | 1.0 | 0.4 |
| Zähmete ukyply ýaşdaky işlemeýän maýyplar | 7.0 | 14.1 | 3.9 |
| Öý hojalygynda | 70.8 | 46.5 | 81.3 |

*Çeşmesi: Türkmenistanyň öý hojalyklarynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyna bütindünýä pandemiýasynyň täsiri (işçi güýjüniň seçilip alnyp geçirilen barlagynyň esasynda). TürkmenStatyň hasabaty, 2021.*

Okuwyň gündizki görnüşinde okaýan ykdysady taýdan işjeň däl ilatyň paýy 21%-den ýokary geçýär. Erkekler okuwy dowam etdirmäge we zähmet bazaryna çykmagy yza süýşürmäge has ýykgyn edýärler, okuwyň gündizki görnüşinde okaýan ykdysady taýdan işjeň däl erkekleriň talyplar we okuwyň gündizki görnüşinde okaýan ykdysady taýdan işjeň däl aýal-gyzlaryň paýy bilen deňeşdirilende, ep-esli uly paýynyň bolmagy muňa şaýatlyk edýär. Okuwyň gündizki görnüşinde okaýan aýal-gyzlaryň has pes göterimi zähmet bazaryna has irki çykmagy ýa-da öý işlerine çekilmegi görkezip biler, bu bolsa, olaryň bilimi dowam etdirmek üçin mümkinçiliklerini çäklendirýär.

Ykdysady taýdan işjeň däl ilatyň diňe uly bolmadyk bölegi pensionerlerden ýa-da zähmete ukyply ýaşdaky ýeňillikli pensionerlerden ybaratdyr.

Ykdysady taýdan işjeň däl ilaty zähmet bazaryna çekmek üçin toplumlaýyn syýasat talap edilýär, ol bilimde we iş bilen üpjünçilikde gender deňligine ýardam edýär, maýyplygy bolan adamlary goldaýar we ähli toparlaryň ykdysady taýdan gatnaşmagyny ýokarlandyrmak üçin öý işlerini bilelikde ýerine ýetirmäge höweslendirýär.

**Zähmet haky**

7-nji tablisada 2015-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli döwürde jynsy boýunça bölmek bilen, Türkmenistanda işgärleriň manatda ortaça aýlyk hasaplanan zähmet haky görkezilendir.

Şol tablisadan görnüşi ýaly, ähli işgärleriň ortaça aýlyk hasaplanan zähmet haky köp ýyllaryň dowamynda 2015-nji ýylda 1150,3 manatdan 2022-nji ýylda 2216,2 manada çenli yzygiderli ösüşi görkezýär.

Şonuň bilen birlikde, zähmet hakynda görnüp duran gender bölünmesi bardyr: bütin syn edilýän döwürde erkekler aýal-gyzlardan has köp hak alypdyrlar. 2015-nji ýylda ortaça aýlyk hasaplanan zähmet haky aýal-gyzlar üçin 1053,5 manada we erkekler üçin 1215,6 manada deň bolupdyr. 2023-nji ýyla çenli aýal-gyzlaryň ortaça aýlyk haky 2301,9 manada, erkekleriňki bolsa – 2611,9 manada çenli ýokarlanypdyr. Erkekleriň hem, aýal-gyzlaryň hem girdejilerinde ep-esli ösüş bellenen, aýal-gyzlar üçin ösüş bilen deňeşdirilende, erkekler üçin ösüş az-kem pes bolan hem bolsa, muňa garamazdan, zähmet hakyndaky bölünme saklanyp galýar.

Ortaça aýlyk hasaplanan zähmet hakynyň yzygiderli artmagy ykdysady ösüşi we hümmetsizlenme üçin düzediş sazlamalaryny görkezýär.

*7-nji tablisa. 2015-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli Türkmenistanda işgärleriň ortaça aýlyk hasaplanan zähmet haky, jyns boýunça bölünende, manatda*

| Ýyllar | Jemi | Aýal-gyzlar | Erkekler |
|---|---|---|---|
| 2015 | 1150.3 | 1053.5 | 1215.6 |
| 2016 | 1256.8 | 1163.2 | 1323 |
| 2017 | 1302.5 | 1152.8 | 1359.2 |
| 2018 | 1503.2 | 1411.3 | 1567.7 |
| 2019 | 1569.9 | 1494.4 | 1730.7 |
| 2020 | 1832 | 1711.9 | 1906.6 |
| 2021 | 2058.6 | 1882.1 | 2170.4 |
| 2022 | 2216.2 | 2087.5 | 2376.4 |
| 2023 | | 2301.9 | 2611.9 |

*Çeşmesi: TürkmenStat. https://www.stat.gov.tm/; we https://turkmenistan.un.org/sites/default/files/2023-03/VNRofT_ru%202019%20copy.pdf (sah 46)*

# 3 INSTITUSIONAL GURLUŞ WE DOLANDYRYŞ

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi Prezident Maksatnamalarynyň çäklerinde döwlet häkimiýet edaralary, iş berijiler we kärdeşler arkalaşyklary bilen özara hyzmatdaşlykda iş bilen üpjünçiligiň döwlet syýasatyny amala aşyrýar.

Iş bilen üpjünçilik gullugy ilatyň iş bilen üpjünçilik ulgamynda döwlet kepilliklerini üpjün etmegi amala aşyrýar we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bu ulgamda döwlet hyzmatlaryny edýär. Iş bilen üpjünçilik gulluklary eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalar we hususy telekeçiler bilen işleýär. Şeýle hem bu işiň diňe bir boş iş orunlary barada maglumaty jemlemek bilen çäklenmeýändigini bellemek möhümdir. Olar işe ýollamany bermek bilen, kärhanalaryň we guramalaryň öz üstüne alan borçnamalaryny nähili ýerine ýetirýändiklerine gözegçilik edýärler. Şeýle hem Iş bilen üpjünçilik gulluklary yzygiderli esasda boş iş orunlarynyň ýarmarkasyny geçirýärler.

Iş bilen üpjünçilik gullugynyň netijeli işi maddy binýady berkitmek, kompýuterleşdirmek we tehniki taýdan enjamlaşdyrmak, statistik we maglumat-habar beriş ulgamy bilen üpjün edilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ilatynda işe ýerleşmegiň görnüşleriniň giň saýlawy bar, ol diňe döwlet iş bilen üpjünçilik gulluklary bilen çäklenmeýär. Işiň tapmakda döwlete degişli däl gulluklar we bildiriş saýtlary hem-de ýöriteleşdirilen platformalar ýaly internet serişdeleri işjeň ulanylýar. Olaryň arasyndan Saylanan.com we Gerekli.com saýtlaryny tapawutlandyrmak bolar, olar şol ýerde adamlaryň boş iş orunlaryny we maglumatyny ýerleşdirýän iň iri portallarynyň biri bolup durýarlar. Bulardan başga-da, durmuş torlary, aýratyn hem, IMO messenjeri möhüm orny eýeleýär, şol ýere köp sanly toparlarda iş orunlary barada resmi däl, ýöne örän netijeli maglumat alyşmasy bolup geçýär. Bulardan başga-da, işe ýerleşmek boýunça hususy agentlikler bar, olar anyk kompaniýalar üçin işgärleri tapmaga ýöriteleşendir. Bu serişdeler işe ýerleşmek işini has netijeli we aýdyň etmek bilen, iş tapmakda, aýratyn hem, internetden işjeň peýdalanýan ýaşlar üçin has giň saýlawy we çeýeligi bermek bilen, döwlet gulluklarynyň işiniň üstüni ýetirýärler we zähmet bazarynyň ösmegine ýardam edýärler.

Iş bilen üpjünçilik gulluklarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak iş bilen üpjünçiligiň emele gelen görnüşlerini we usullaryny sanly ykdysadyýete geçmäge we bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge, şeýle hem sanly çözgütleri, zähmet bazaryny düzgünleşdirmegiň täze usullaryny ulanmak bilen, tehnologik innowasiýalary ornaşdyrmaga laýyk getirmäge gönükdirilendir. Olar ähli bolan serişdeler bilen iş bilen üpjün bolmadyk ilatyň we aýratyn hem ýaşlaryň işe ýerleşmegine işjeň ýardam etmäge gönükdirilendir.

Döwlet ýaşlar syýasatyny toplumlaýyn dolandyrmak maksady bilen, 1991-nji ýylda Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy döredildi. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Mejlisiniň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty boýunça komitetiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginde Ýaşlar syýasaty bölüminiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetinde Ýaşlar syýasaty boýunça bölümiň hereket etmegi

döwlet syýasatynyň strategik ugurlarynyň biriniň ýaşlar syýasaty bolup durýandygyna we bu meselä toplumlaýyn çemeleşilýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy ähli raýatlara zähmet çekmäge, hünäri, işiň ugruny erkin saýlap almaga we zähmetiň sagdyn hem-de howpsuz şertlerine bolan hukugy kepillendirýär. Konstitusion ýörelgäniň esasynda "Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň Zähmet kodeksi işlenip taýýarlandy. Şeýle hem Türkmenistan mynasyp zähmet üçin şertleri döretmek babatda Halkara zähmet guramasynyň (HZG) tassyklanan sekiz sany esasy, iki sany gollanma we bir tehniki Konwensiýalaryna we Durnukly ösüş maksatlaryna ygrarlydyr. Halkara hyzmatdaşlyk babatda Ministrlik Halkara zähmet guramasy, Migrasiýa boýunça halkara guramasy bilen özara gatnaşyk saklaýar, şeýle hem Türkmenistan döwletleriň birnäçesi bilen zähmet babatda ylalaşyklary hem-de özara düşünişmek we düzgünleşdirmek hakynda ähtnamalary baglaşdy.

2016-njy ýylda kabul edilen "Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň Kanuny ilatyň iş bilen üpjünçiligi babatda döwlet syýasatynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, raýatlaryň zähmete, işsizlikden goraglylyga bolan konstitusion hukugyny üpjün etmäge gönükdirilendir we iş bilen üpjünçilik ulgamynda döwlet kepilliklerini belleýär. Kanun oňa mätäçlik çekýän adamlara iş bilen üpjünçilik uglamynda döwlet goldawyny kepillendirýär. Şol Kanunyň 7-nji maddasynda raýatlaryň beýleki toparlary bilen bir hatarda, ilkinji gezek iş gözleýän ýaş hünärmenlere döwlet godlawyna mätäçler hökmünde döwlet kepillikleri berilýär. Türkmenistanyň iş bilen üpjünçilik syýasatynyň ýene-de bir düýpli tarapy – ýaşlaryň iş bilen üpjünçiligine, zähmete gaýtadan dikeldilmegine we maýyplygy bolan adamlaryň iş bilen üpjünçilik ulgamyna girişmegine üns bermek bilen, inklýuziw iş bilen üpjünçiligi ösdürmek bolup durýar.

Ýaşlaryň iş bilen üpjünçiligi we işe ýerleşmegi, döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolmak bilen, "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda", "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda" öz aýdyň beýanyny tapýar. 2018-nji ýyldan başlap, Türkmenistanda Ýaş hünärmenleriň işe ýerleşmegi boýunça pudagara topary hereket edýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2017-nji ýylyň awgustynda degişli karara gol çekip, Türkmenistanda Ýaş hünärmenleriň işe ýerleşmegi boýunça pudagara toparyny döretdi we onuň düzümini tassyklady. Bu Toparyň wezipelerine şular degişlidir: ýaş hünärmenleri iş bilen üpjün etmegiň meselelerini düzgünleşdirýän milli kanunçylygy seljermek, bu ugurda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek, ýurdumyzyň işgärleri taýýarlaýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak we daşary ýurtlarda bilim alan raýatlary hasaba almagyň tertibini düzgünleşdirmek, ýaşlarda hünär başarnyklaryny emele getirmek we ýöriteleşmegiň kämil ulgamyny döretmek boýunça işleri dowam etdirmek.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi (iş bilen üpjünçiligiň döwlet gulluklary) tarapyndan zähmet bazaryna goşulmagy goldamak üçin işlenip taýýarlanan kanunçylyk namalary:

- Iş gözleýän adamlary hasaba almak, işe ýerleşdirmek we hasapdan çykarmak Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2018-nji ýylyň 12-nji oktýabryndaky 1163 belgi bilen bellige alnan "Iş gözleýän adamlary hasaba almagyň, işe ýerleşdirmegiň we hasapdan çykarmagyň Tertibine" laýyklykda amala aşyrylýar.
- Işsizleriň we iş gözleýän adamlaryň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünäriniň ýokarlandyrylmagy Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan 2019-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda tassyklanan "Hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlygynyň we hünäriň ýokarlandyrylmagynyň guralmagynyň Tertibi" hakynda 130-Ö belgili buýrugyna laýyklykda, şu aşakdaky halatlarda geçirilýär, eger:
  - hünär taýýarlygynyň ýa-da zerur hünär derejesiniň ýoklugy sebäpli, laýyk gelýän işi tapmak mümkin däl bolsa;
  - tejribelerine laýyk gelýän işiň ýoklugy sebäpli, olaryň hünär derejesiniň üýtgedilmegi zerur bolsa;
  - öňki hünäri boýunça işi ýerine ýetirmäge ukybyny ýitiren bolsa.

- 2016-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 3-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan "Iş gözleýän adamlara bar bolan boş iş orunlarynyň hödürleniş çärelerini guramagyň Tertibi".
- 2019-njy ýylda kabul edilen, "Türkmenistanda ýaşlary zähmet bazaryna uýgunlaşdyrmagyň we olaryň iş bilen üpjünçiligini kämilleşdirmegiň Maksatnamasy" we şu Maksatnamany durmuşa geçirmegiň Çäreleriň meýilnamasy.
- Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2016-njyt ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 2-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanan "Durmuş goraglylygyna aýratyn mätäçlik çekýän we zähmet bazarynda deň şertlerde bäsleşige ukypsyz raýatlary işe ýerleşdirmek üçin iş berijilere paýy bellemegiň tertibi hakynda Düzgünnama". Durmuş goldawyna mätäçlik çekýän raýatlary goldamagy üpjün etmek maksady bilen, raýatlaryň bu toparyna ýetim çagalar, ilkinji gezek iş gözleýänler goşuldy. Häzirki wagtda bu kwota kärhanada işleýänleriň sanynyň 2-den 5 göterimine çenli ýetýär. Her etraplaryň we şäherleriň her birinde häkimlikleriň ýanynda şeýle raýatlaryň ýüztutmalaryna seredýän we olara işe ýerleşmäge kömek edýän toparlar hereket edýärler.
- Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 15.01.2021-nji ýyl senede 1431 belgi bilen bellige alnan we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň buýrugy bilen tassyklanan "Hak tölenilýän jemgyýetçilik işini guramagyň Tertibi".

2022-nji ýylyň sentýabrynda kabul edilen "Döwlet ýaşlar syýasaty hakynda" Türkmenistanyň Kanunyň rejelenen görnüşinde ýaşlar – Türkmenistanyň 14-den 35 ýaşa çenli ýaşdaky raýatlary diýlip bellenendir.[4] Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň 2022-nji ýyl boýunça Maglumatlarynda (№3, 85-madda) görkezilen, 16.03.2023-nji ýyl senedäki üýtgetmeleri (№541-VI) bilen bu Kanun şonuň çäklerinde ýaş nesliň hukuklaryny ösdürmäge we goramaga gönükdirilen döwlet goldawy we başlangyçlary durmuşa geçirilýän ýaş çäklerini kesgitleýär.

# 4 ÝAŞLAR ÜÇIN ZÄHMET BAZARYNDA IŞJEŇ ÇÄRELER

### Zähmet bazarynda işjeň çäreleriň toparlara bölünişi

Türkmenistan däp bolan çemeleşmeleri hem, innowasion çemeleşmeleri hem ulanmak bilen, ýaşlary zähmet bazaryna utgaşdyrmak boýunça toplumlaýyn syýasaty durmuşa geçirýär. Bu çäreler, ilkinji nobatda, ýaşlary öz içine alýan hem bolsa, olar işsizleriň ýaşyna bagly bolmazdan, olaryň ählisine gönükdirilendir. Esasy çäreler hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmaga, maliýe höwesini döretmäge we telekeçilik başarnyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir.

### Iş bilen üpjünçilige ýardam etmegiň däp bolan çäreleri

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň sebitleýin düzüm bölümleri tarapyndan durmuşa geçirilýän çäreler hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmaga we iş tapmaga ýardam etmäge gönükdirilendir. Olara şular degişlidir:

- Hünär taýýarlygy we gaýtadan taýýarlyk: Bu maksatnamalar işsiz raýatlara we iş gözleýän adamlara täze, uly isleg bildirilýän hünärleri özleşdirmäge kömek edýärler. Uly isleg bildirilýän hünärleri kesgitlemek zähmet bazaryny seljermegiň, hususan-da, Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň sebitleýin düzüm bölümlerinde iş berijiler tarapyndan

[4] «Döwlet ýaşlar syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (rejelenen görnüşi) (Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 3, 85-madda) (16.03.2023 ý. senedäki 541-VI belgili Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykdaky girizilen üýtgetmeleri bilen).

hödürlenen boş iş orunlaryny toplamak we öwrenmek arkaly amala aşyrylýar. Maliýeleşdirmek döwlet býujetiniň hasabyna hem, eger öwrenmek kärhanada bolup geçýän bolsa, iş berijiniň hasabyna hem amala aşyrylýar. Şeýle okuwlaryň dowamlylygy hünäriň çylşyrymlygyna baglydyr we 3-den 6 aýa çenli üýtgäp bilýär.

- Bütin ýurt boýunça boş iş orunlarynyň her aýlyk ýarmarkasy: iş gözleýänler bilen iş berijileriň arasynda gönüden-göni gatnaşyk üçin guralýar. Bu çäreler boş iş orunlary barada maglumata elýeterliligi we söhbetdeşligi geçmek mümkinçiligini üpjün edýärler.
- Hak tölenilýän jemgyýetçilik işleri: olara girdeji almaga we zähmet iş döwrüni saklap galmaga kömek etmek bilen, işsizlere wagtlaýyn iş bilen üpjünçilik berilýär. Bu halatda zähmet hakyny tölemek iş beriji tarapyndan geçirilýär. Şeýle işleriň dowamlylygy taslamanyň görnüşine we onuň maliýeleşdirilişine baglydyr, ýöne, adatça, 3 aýdan ýokary geçmeýär.

**Ýaşlary we telekeçiligi maksatlaýyn goldamak çäreleri**

Hökümet diňe ýaşlara (35 ýaşa çenli adamlara) gönükdirilen maliýe höweslendirmelerini berýär, bu bolsa, bu demografik toparyň ileri tutulýandygyny tassyklaýar.

Salgyt ýeňillikleri: işe ýerleşen ýaş hünärmenler, girdeji salgydynyň düýpli azaldylmagyny alýarlar: birinji ýylda 50%-e çenli we soňky iki ýylda 25%-e çenli. Şoňa meňzeş salgyt ýeňillikleri işgärleriň 75%-den köp bölegi 35 ýaşdan ýaş bolan ýaşlar kärhanalary üçin göz öňünde tutulandyr.

Grant goldawy: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, halkara guramalar ýaş telekeçiler üçin grantlary we ýeňillikli karzlary berýärler, bu bolsa, startaplaryň ösmegine we täze iş orunlarynyň döredilmegine ýardam edýär.

**Statistik maglumatlar we ýaşlar üçin çäreler**

Häzirki wagtda boş iş orunlary we döredilen iş orunlary barada her aýlyk we her çärýeklik statistik hasabatlylyk ýöredilýär. Ýöne bu maksatnamalarda ýaşy boýunça gatnaşmak barada, hususan-da, ýaşlaryň paýy barada köpçülikleýin maglumatlar berilmeýär. Bu olaryň netijeliligine mukdar taýdan baha bermegi kynlaşdyrýar.

Ýöne muňa garamazdan, Türkmenistanda diňe ýaşlara gönükdirilen anyk çäreler amala aşyrylýar. Ýokarda bellenip geçilen salgyt ýeňilliklerinden başga-da, ýaşlaryň ýokarky ýaşynyň 30-dan 35-e çenli ýokarlandyrylmagy, döwlet maksatnamalaryndan we ýeňilliklerinden peýdalanyp biljek adamlaryň toparyny öz-özünden giňeltdi, bu bolsa, döwlet syýasatynda ýaşlary goldamagyň ileri tutulýandygyny tassyklaýar.

**Häzirki zaman çemeleşmeleri we kynçylyklary**

Sanly özgertmeler şertlerinde Türkmenistan ýaşlarda sanly başarnyklaryň ösdürilmegine üns berýär. Programma düzmegi, web-dizaýny we sanly marketingi öwretmek boýunça maksatnamalar ornaşdyrylýar.[5] Şeýle çäreleriň ýaşlaryň zähmet bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýändigi bellenýär.

Işjeň çäreleriň bardygyna garamazdan, olaryň netijeliligi, gerimi we işe ýerleşmeginiň netijeleri barada maglumatlar berilmeýär. Bu olaryň edýän täsirine mukdar taýdan baha bermegi kynlaşdyrýar. Ýöne halkara guramalary şuňa meňzeş maksatnamalara gatnaşmak, geriminiň degişli derejede pes bolup galýandygyna garamazdan, işe ýerleşmegiň mümkinçiliklerini ýokarlandyrýandygy belleýärler.

  - **Halkara zähmet guramasy (HZG):** Merkezi Aziýa boýunça hasabatlar we neşirler (https://www.ilo.org/asia/countries/turkmenistan/lang--en/index.htm)
  - **Bütindünýä banky:** Türkmenistan boýunça synlar (https://www.worldbank.org/en/country/turkmenistan)

[5] Seret. Iş bilen üpjün etmegi goldamak boýunça taslamalar barada hasabatlar. (https://www.undp.org/content/undp/en/home.html)

# 5 ZÄHMET BAZARYNDA IŞJEŇ ÇÄRELERIŇ NETIJELILIGI WE TÄSIRI

Beýleki ýurtlarda hem bolşy ýaly, Türkmenistanda häzirki wagtda ýaşlaryň işe ýerleşmeginiň meseleleri aýratyn derwaýyslyga eýe bolýar. Türkmenistanda 2023-nji ýylda iş gözlemek bilen sebit Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirliklerine ýüz tutan raýatlaryň umumy sanynda 35 ýaşa çenli ýaşlary sany 52,7%-e, degişlilikde, 2021-nji ýylda 42,7%-e, 2022-nji ýylda – 43,7%-e barabar boldy, bu bolsa, 2021-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 10% köpdür we 2022-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 9% köpdür. [6]

Zähmet bazarynyň ýaşlar böleginde bolup geçýän ýagdaýa has gowy düşünmek üçin işçi güýjüniň teklibi bilen bagly ýagdaýy seljermek möhümdir. Iş gözleýänleriň zähmet bazarynda teklipleriň mümkinçiliklerini döredýändiklerini göz öňünde tutmak bilen, bellige alnan ýaş iş gözleýjileriň bilimi, ýaşy we hünär taýýarlygynyň derejesi boýunça paýlanylyşyny seljermek möhümdir.

Türkmenistanda iş gözleýän, bellige alnan raýatlaryň umumy sanynda 2021-nji ýylda erkekler 58,5%-e, 2022-nji ýylda bolsa – 57,9% we 2023-nji ýylda – 57,8%-e deň boldy. Bu maglumatlar işsizligiň, esasan, erkeklere mahsusdygyna şaýatlyk edýärler. Bellige alnan 35 ýaşly raýatlaryň arasynda uly bölegi hem erkekler düzýärler. Iş gözlemek bilen ýüz tutan ähli adamlaryň hatarynda 2021-nji ýylda 35 ýaşa çenli ýaşdaky erkekler 57,5%-i, 2022-nji ýylda – 55,4%-i we 2023-nji ýylda 55,8%-i emele getirdi. Işe ýerleşen 35 ýaşly adamlaryň umumy sanynda hem erkekler agdyklyk edýärler. Iş gözlemek bilen 2021-nji ýylda iş bilen üpjünçilik gulluklaryna ýüz tutan ýaşlaryň arasynda işe ýerleşenleriň: 48,8%-i erkekler (38,6%-i aýal-gyzlar); 2022-nji ýylda: erkekler – 61,4% (aýal-gyzlar – 52,5%); we 2023-nji ýylda erkekler – 70,8% (aýal-gyzlar – 67%) boldy. [7]

Iş gözleýänleriň arasynda erkekler bilen, şeýle hem işe ýerleşen adamlar bilen deňeşdirilende aýal-gyzlaryň az sanyny 35 ýaşa çenli aýal-gyzlaryň reproduktiw wezipesi bilen düşündirmek bolar.

Ýaşlaryň uly göteriminiň işe ýerleşmegine zähmet bazarynda ýüze çykýan ýagdaýlary düzgünleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän birnäçe işjeň çäreleriň oňyn netijesi hökmünde seretmek bolar. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň welaýat, şäher we etrap zähmet we iş bilen üpjünçilik bölümleri tarapyndan amala aşyrylýan, iş gözleýän raýatlaryň hünär taýýarlygy we gaýtadan taýýarlygy boýunça işini, boş iş orunlarynyň her aýlyk ýarmarkalaryny, şeýle hem hak tölenilýän jemgyýetçilik işlerini görkezmek bolar.

[6] TürkmenStat. https://www.stat.gov.tm/
[7] TürkmenStat. https://www.stat.gov.tm/

Boş iş orunlarynyň seljermesi häzirki döwürde zähmet bazarynda işçi güýjüne bolan zerurlygy öwrenmäge mümkinçilik berýär. Seljerme geçirmek üçin maglumatlaryň esasy çeşmesi Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan her çärýekde umumylaşdyrylýan boş iş orunlary barada maglumatlar bolup durýar. Bu maglumatlaryň binýadynda Türkmenistan boýunça 2023-nji ýylyň we 2024-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna görä sebitler, hünärler we wezipeler boýunça boş iş orunlarynyň paýlanyşynyň seljermesi geçirildi.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň Zähmer serişdeleri we iş bilen üpjünçilik bölümi tarapyndan geçirilen seljermäniň maglumatlary 2024-nji ýylda boş iş orunlarynyň sanynyň, 2023-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 2,3% ösendigini görkezýärler. Bu ýagdaýy ýurtda alnyp barylýan işjeň maýa goýum syýasatynyň netijesinde her ýylda täze iş orunlarynyň döredilmegi bilen düşündirmek bolar. Mysal üçin, 2022-nji ýylda 6 müňden gowrak iş orunlary, 2023-nji ýylda bolsa, eýýäm 11 müň 373 täze iş orunlary döredildi.

2023-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna görä boş iş orunlarynyň paýlanyşynyň seljermesi geçirilende, şolara ýokary hünär bilimini talap edýän hünärler boýunça sany olaryň umumy sanynyň 33,2%-ini düzüdi, 2024-nji ýylyň degişli döwründe bolsa, bu san 35%-e çenli ýokarlandy, şolarda orta we başlangyç hünär bilimi soralýan boş iş orunlarynyň sany 48,4%-den 50,6%-e çenli ýokarlandy, hünär bilimi talap edilmeýän kärler boýunça boş iş orunlarynyň sany bolsa, 18,4%-den 14,4%-e çenli azaldy. Zähmet bazaryny düzgünleşdirmek bilen baglanaşykly çözgütler kabul edilen, bu ösüş meýlini hasaba almak zerurdyr.

Beýleki welaýatlar we Arkadag şäheri bilen deňeşdirilende, Aşgabat şäherinde we Balkan welaýatynda ýerleşen edaralarda we kärhanalarda boş iş orunlary köpdür. Ýüze çykan ýagdaýa düşünmek üçin, boş iş orunlarynyň emele gelmeginiň sebäplerini öwrenmek möhümdir. Ministrlikde her çärýekde jemlenýän boş iş orunlary baradaky maglumatlaryň seljermesi, häzirki işsizligiň ähli sebäpleriniň arasynda hünärmenleriň ýetmezçilik meselesi agdyklyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, bar bolan boş iş orunlarynyň wezipeleriň we hünärleriň derejeleri boýunça paýlanyşy bu ýagdaýyň sebäplerine has düýpli düşünmäge mümkinçilik berýär. [8]

2024-nji ýylda, 2023-nji ýyldaky ýaly, eýelenmedik wezipeleriň uly bölegi esasy hünärmenlere (ortaça 47%) we hyzmat ediji işgärlere (ortaça 46%) degişlidir. Geçirilen seljerme şu aşakdaky netijeleri almaga mümkinçilik berdi:

- birinjiden, ilki bilen, kärhanalar tarapyndan hünärler boýunça maglumatlar berlende, hünärleriň adyny Türkmenistanda Hünärleriniň we işgärleriň wezipeleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda, takyk görkezmek maslahat berilýär. Sebäbi bu zähmet bazarynyň meseleleri seljerilende we hünärmenlere bolan isleg çaklanylanda möhüm maglumat çeşmesi bolup durýar;
- ikinjiden, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, bar bolan boş iş orunlaryny doldurmak üçin kärhananyň ýerli zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümlerine şu mesele boýunça ýüz tutmaga hukugy bardyr. Ýöne iş bilen üpjünçilik edaralarynda bellige alnan iş gözleýän adamlaryň bilimi, hemişe soralýan hünäre laýyk gelip barmaýandygy kanuny ýagdaýdyr. Şu sebäpden hem, ykdysadyýetiň we iş berijileriň işgärleriň hünär başarnyklaryna bolan talaplarynyň çalt üýtgeýän şertlerinde olary kanagatlandyrmagyň has netijeli usullaryny gözlemegiň we ornaşdyrmagyň zerurlygy ýüze çykýar. Bu, ilkinji nobatda, zähmet bazary bilen bilim bazarynyň arasyndaky baglanyşygyň bozulmalarynyň bardygyny tassyklamak bilen, olaryň arasynda arabaglanyşygynyň guralyny döretmek meselesini öňe sürýär;
- üçünjiden, iş berijileriň, iş gözleýän işgärleriň ýa-da zähmet işine ýaňy başlaýan adamlaryň zähmet bazarynda bolup geçýän özgermeler barada habarlylygyny ýokarlandyrmaga eltýän, milli ykdysadyýetiň diwersifikasiýasy şu gatnaşyjylaryň hemmesine bähbitlidir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda hakyna tutma işçi güýjiniň düzüminde bolup biljek üýtgemeler

[8] Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň saýty https://mlsp.gov.tm/

baradaky maglumata elýeterliligi almak üçin, her çärýekde berilýän hasabatyň görnüşine geljekde garaşylýan boş iş orunlary we şolar boýunça talap edilýän başarnyklar barada goşmaça görkezijini göz öňünde tutmagy we girizmegi maksadalaýyk hasap edýäris.

Hakykatdan-da, bu çäreleriň gowşak goralan toparlary öz içine alýandygyna we olara iş tapmaga kömek edýändigine seretmek wajypdyr. Seljermä laýyklykda, hünär taýýarlyk derejesini ýokarlandyrmagyň we gaýtadan taýýarlamagyň maksatnamalarynyň bardygyna garamazdan, olaryň netijeliligi, gerimi we işe ýerleşmegiň netijeleri barada köpçülikleýin maglumatlar berilmeýär. Bu, aýratyn hem, bilim derejesi pes ýaşlar ýa-da kesgitli hünär taýýarlyk derejeleri bolan aýal-gyzlar ýaly gowşak goralan toparlarda olaryň edýän täsirine san taýdan baha bermegi kynlaşdyrýar. Şeýlelikde, çäreleriň bardygyna garamazdan, gatnaşyk we netijeler barada köpçülikleýin statistikanyň ýoklugy sebäpli, olaryň netijeliligi anyk däl bolmagynda galýar, bu bolsa, olaryň adamlara iş tapmaga nähili gowy kömek edýändigini we olaryň ilatyň has mätäçlik çekýän toparlaryny gurşap alýandygyny ýa-da almaýandygyny takyk kesgitlemekde bökdençlik döredýär.

# 6 MESELELER WE KEMÇILIKLER

Türkmenistanda zähmet bazarynyň seljermesi meseleleriň we kemçilikleriň birnäçesini ýüze çykarýar, olar bar bolan döwlet goldawynyň çärelerine garamazdan, ýaşlaryň netijeli goşulyşmagyna päsgelçilik döredýärler. Bu kemçilikler diňe bir bazaryň umumy kynçylyklaryny däl, eýsem zähmet bazarynda işjeň çäreleri (ZBIÇ) durmuşa geçirmekde anyk ýetmezçilikleri görkezýärler.

Esasy kemçilikleriň biri – bu ýaşlaryň eýe bolan başarnyklarynyň we zähmet bazarynyň talaplarynyň laýyk gelmezligi. Bu işjeň çäreleriň netijesi bolup durmaýar, has dogrusy, bu şeýle çäreleriň zerur bolan esasy sebäbi bolup durýar. Umumy orta bilimiň agdyklyk etmegi: işsiz ýaşlaryň aglaba böleginiň (86,7%) diňe umumy orta bilimi bardyr. Bu zähmet bazarynda binýatlyk bilimi bolan adamlar üçin teklipleriň ýeterlik däldigini, iş orunlarynyň bolsa, barha ýygy-ýygydan ýöriteleşdirilen ýa-da ýokary hünär taýýarlygyny talap edýändigini görkezýär.

**Maksatnamalaryň gerimi we olara gatnaşmak bilen bagly meseleler**

Maksatnamalaryň bardygyna garamazdan, olaryň gerimi örän pes bolmagynda galýar, bu bolsa, ýaşlaryň goşulyşmagy üçin esasy päsgelçilik bolmagynda galýar.

- Okamak üçin ugurlaryň örän pes derejesi: 2023-nji ýylda umumy orta bilimi bolan işsizleriň diňe 0,4%-i (23,9 müň adamdan 108 sanysy) hünär okuwyna gönükdirildi. Bu görkeziji maksatnamalaryň maksatlaýyn auditoriýanyň uly bölegini öz içine almaýandygyna şaýatlyk edýär.
- Çäklendirilen gatnaşyk: bellige alnan işsizleriň 50,8%-den gowragynyň hünär biliminiň ýokdugyny hasaba almak bilen, gaýtadan taýýarlyk bilen bu kömegi hakykatdan-da alýan adamlaryň sanynyň arasynda örän uly tapawut bardyr.

**Gender deňsizligi**

Gender deňsizligi ýaşlar üçin zähmet bazarynda düýpli mesele bolmagynda galýar:

- Ýaş aýal-gyzlaryň arasynda işsizligiň uly derejesi: ýaş aýal-gyzlar erkekler bilen deňeşdirilende, işsizligiň has uly derejesine hemişe sezewar bolýarlar. 2022-nji ýylda ýaş erkek adamlaryň iş gözlän 5,2%-i bilen deňeşdirilende, ýaş aýal-gyzlaryň 7,5%-i iş gözläpdir.
- Bilim derejesi boýunça işsizlikde gender bölünmesi: işsiz ýaş erkek adamlaryň arasynda 6,9%-i ýokary hünär bilime eýedir, şol bir wagtda-da, aýal-gyzlaryň arasynda bu görkeziji, bary-ýogy 2,7%-e deňdir. Şonuň bilen birlikde, hünär-tehniki bilimi bolan işsizleriň arasynda ýaş aýal-gyzlar (3,4%) erkekler (0,2%) bilen deňeşdirilende, ep-esli köpdür.

- Zähmet hakynda gender bölünmesi: ähli gözegçilik edilýän döwrüň dowamynda (2015-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli) erkekler aýal-gyzlar bilen deňeşdirilende ortaça köp gazanç edipdirler.

**Netijelilige baha bermekde kynçylyklar**

Hereket edýän maksatnamalaryň netijeliligine köpçülikleýin maglumatlaryň ýetmezçiligi sebäpli baha bermek kyndyr:

- Maglumatlaryň çäkli elýeterliligi: boş iş orunlary barada her aýlyk we her çärýeklik statistika garamazdan, ýaşy boýunça bölmek bilen, maksatnamalara gatnaşmak barada köpçülikleýin maglumatlar berilmeýär. Bu ýaşlar üçin maksatnamalaryň edýän täsirine we netijeliligine baha bermegi kynlaşdyrýar.

- Ikitaraplaýyn aragatnaşyk ýokdur: maksatnamalara gatnaşylandan soňra, ýaşlaryň ýokary hilli işi nähili üstünlikli tapýandygy barada maglumatlar ýeterlik däldir. Bu hyzmatlardaky kemçilikleri ýüze çykarmaga we ýaşlaryň haýsy toparlarynyň goşmaça goldawa mätäçdigini kesgitlemäge mümkinçilik bermeýär.

# 7 NETIJE

Ýaşlary zähmet bazaryna iň gowy utgaşdyrmagyň ýolunda iň möhüm ädimler hususy pudagyň gatnaşmagyny giňeltmek we işe ýerleşmäge hem-de ýaşlary ösdürmäge gyzyklanma bildirýänleriň hemmesiniň has ýakyndan özara gatnaşygyny guramak bolup durýar. Häkimiýet edaralarynyň, iş berijileriň, kärdeşler arkalaşyklarynyň wekilleriniň, ýerli dolandyryş edaralarynyň wekilleriniň we ýaşlaryň özleriniň hut ýakyndan özara gatnaşygy we utgaşdyrylan tagallalary ýaşlaryň arasynda has berk we inklýuziw ykdysady gurşawy döretmäge kömek eder.

Zähmet bazaryndaky ýagdaýyň we iş bilen üpjünçilige ýardam etmegiň işjeň çäreleriniň syny şu aşakdaky ugurlary ýüze çykardy:

- Ýurtda ýaşlaryň arasynda işsizligiň derejesiniň we olaryň zähmet bazaryna gatnaşmazlygynyň derejesiniň ösýaändigine syn edilýär.
- Ilatyň iş bilen üpjünçiligine ýardam etmegiň işjeň çärelerini (IIÝIÇ) maliýeleşdirmegiň ulgamy zähmet bazaryndaky ýagdaýa uýgunlaşan däldir, ony maliýeleşdirmegiň nusgasy bolsa, üýtgemeleriň ösüş depginine laýyk gelmeýär. Hususan-da, umumy orta bilimli işsiz ýaşlaryň (86,7%) ýokary jemlenmesi we hünär-tehniki bilimli (HTB) ýaş aýal-gyzlaryň işe ýerleşmeginiň pes göterimi, zähmet bazarynyň sebit we gender zerurlyklaryna laýyklykda, serişdeleri we maksatnamalary has netijeli gaýtadan paýlap biljek, ilatyň iş bilen üpjünçiligine ýardam etmegiň has maksada gönükdirilen we çeýe işjeň çäreleriniň (IIÝIÇ) zerurdygyny görkezýär.
- Iş bilen üpjünçilige ýardam etmek boýunça täze çemeleşmeleriň, şol sanda sanly tehnologiýalary ulanmak bilen oňyn mysallary bardyr. Bu aýratyn öwrenmäge degişli bolup durýar, sebäbi işjeň syýasatyň islendik täze çäreleriniň ornaşdyrylmagy maliýeleşdirmegiň möçberlerine gaýtadan seretmegi talap edýär.
- Zähmet bazarynda araçyllyk üçin sanly tehnologiýalaryň mümkinçilikleri ulanylmaýar. Ýeke-täk maglumat meýdany ýokdur, onlaýn-bellige almagyň mümkinçilikleri ýokdur we kanunçylyk derejesinde şeýle çäreler göz öňünde tutulan däldir.
- Ýaşlar bilen işlemegiň umumylaşdyrylan statistikasyna ýeterlik üns berilmeýär, maglumatlar seljerilmeýär we köpçülige ýetirilmeýär.

Seljerme Türkmenistanda ýaşlar üçin zähmet bazarynda işjeň çäreleriň (ZBIÇ) netijeliligini peseldýän we olaryň bilimden işe ýerleşmäge geçmegini kynlaşdyrýan düýpli kemçilikleriň we kynçylyklaryň bardygyny görkezýär.

**Syýasaty kämilleşdirmek boýunça teklip edilýän çäreler**

Ýokarda beýan edilenlerden ugur alyp, şu aşakdaky maslahatlary emele getirmek bolar:

1. Beýleki ýurtlaryň tejribesini öwrenmek bilen, ýaşlaryň iş bilen üpjünçiligine ýardam etmek boýunça işjeň çäreleriň sanawyny giňeltmek, täze tejribeleri uýgunlaşdyrmak we ornaşdyrmak zerurdyr. Şunuň bilen baglylykda, ösüş boýunça hyzmatdaşlar tarapyndan bilermenlik goldawy örän möhümdir, ony soramak we täze taslamalary teklip etmek zerurdyr.
2. Ýaşlaryň bähbitlerine üns bermek bilen, zähmet bazaryna işjeň syýasatyň täze ugurlaryny ornaşdyrmagy hasaba almak bilen, iş bilen üpjünçilik ulgamynda kanunçylygy özgertmegi dowam etdirmek zerurdyr. Şeýle hem zähmet bazarynda işjeň syýasatyň çärelerini maliýeleşdirmegiň tertibine gaýtadan seretmek zerurdyr.
3. Maglumat beriş-aň-bilim işi boýunça, ýaşlarda ünsi jemlemek bilen, sanly gurallary we platformalary ulanmak arkaly, ilata uzak aralykdan hyzmatlary etmegiň mümkinçiliklerini giňeltmelidir. Bu sanly hyzmatlar ösdürmek boýunça bölümi ýa-da departamenti döretmek üçin iş bilen üpjünçilik gulluklaryny dolandyrmagyň düzümini döwrebaplaşdyrmagy talap edýär.
4. Iş bilen üpjünçilik gulluklarynyň işgärlerini okatmak, aýratyn hem, işe başlamazdan ozalky taýýarlyk, işgärler syýasatynyň ileri tutulýan ugruna öwrülmelidir. “Müşderä gönükdirilen” ýörelgeleri hasaba almak bilen, bu gulluklaryň işine gaýtadan seretmek we olaryň, aýratyn hem, ýaşlar bilen işlenende häzirki zaman çemeleşmelerine laýyk gelmegi üçin, olary tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak zerurdyr.
5. Işsiz ýaşlaryň pes hünär taýýarlyk derejesini hasaba almak bilen, hile we iş berijiler bilen özara gatnaşyklara üns bermek bilen, amaly okuwy we halypaçylygy, iş berijiniň zerurlyklaryna gönükdirilen bolmagy giňeltmek bilen, hünäre ugrukdyryş, hünär okuwy we wezipede ösmek boýunça maksatnamalary giňeltmek zerurdyr.
6. Iş bilen üpjünçilik gulluklarynyň işiniň netijeliligine baha bermegiň gurallaryny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak hem-de onuň netijelerini işgärleriň maddy höweslendiriş ulgamyna baglamak zerurdyr. Statistikany ösdürmek we aýratyn hem, ýaşlar bilen baglanyşykly maglumatlary köpçülige ýetirmek zerurdyr.

Şu çäreleriň durmuşa geçirilmegi ähli gyzyklanma bildirýän taraplaryň: häkimiýet edaralarynyň, iş berijileriň, kärdeşler arkalaşyklarynyň wekilleriniň, ýerli dolandyryş edaralarynyň we ýaşlaryň özleriniň utgaşdyrylan tagallalaryny talap edýär. Hut şeýle ýakyndan özara gatnaşyk etmek ýaşlar üçin has berk we inklýuziw ykdysady gurşawy döretmäge kömek eder.

# 8 EDEBIÝATLARYŇ SANAWY


“Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 2, 95-madda.) (Türkmenistanyň 01.12.2018 ý. № 103-VI Kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler bilen). URL: https://minjust.gov.tm/assets/files/law_documents/hukuknama_280_ru.pdf

“Aýallaryň we erkekleriň deň hukuklarynyň we deň mümkinçilikleriniň üpjün edilmeginiň döwlet kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň 25.11.2017 ý. № 661-V Kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler bilen). URL: https://www.minjust.gov.tm/ru/hukuk/merkezi/hukuk/304

“Ýaşlaryň zähmete bolan hukugynyň döwlet kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2005 ý. № 1, 5-madda) (14.03.2020 ý. № 240-VI Türkmenistanyň Kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler bilen). URL: https://minjust.gov.tm/assets/files/law_documents/hukuknama_32_ru.pdf

“Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” Türkmenistanyň Kanuny (rejelenen görnüşi) (Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 3, 85-nji madda) (Türkmenistanyň 16.03.2023 ý. № 541-VI Kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler bilen). URL: https://minjust.gov.tm/ru/hukuk/merkezi/hukuk/177

“Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanuny Türkmenistanyň 16.03.2023 ý. № 541-VI we 03.06.2023 № 34-VII Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen. URL: https://www.minjust.gov.tm/ru/hukuk/merkezi/hukuk/482

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (2022). Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň jemleri. URL: https://www.stat.gov.tm/ru/population-census

Türkmenistanyň Konstitusiýasy (rejelen görnüşi) (Türkmenistanyň 09.10.2017 ý. № 617-V we 25.09.2020 ý. № 297-VI Konstitusion kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen). URL: https://legislationline.org/sites/default/files/documents/7f/TURK_Constituttion%20as%20of%20May%202020.pdf

TürkmenStat. https://www.stat.gov.tm

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi URL: https://mlsp.gov.tm

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi URL: https://fineconomic.gov.tm

Halkara zähmet guramasy: Merkezi Aziýa boýunça hasabatlar we neşirler, URL: https://www.ilo.org/asia/countries/turkmenistan/lang--en/index.htm

Bütindünýä banky: Türkmenistan boýunça synlar, URL: https://www.worldbank.org/en/country/turkmenistan

BMGÖM-i: Iş bilen üpjünçiligi goldamak boýunça taslamalar barada hasabatlar, URL: https://www.undp.org/content/undp/en/home.html

Halkara pul gaznasy, URL: https://www.imf.org/en/Countries/TKM#countrydata

Türkmenistanyň Meýletin milli syny (2019). https://turkmenistan.un.org/sites/default/files/2023-03/VNRofT_ru%202019%20copy.pdf